Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli 2024-nji ýylyň «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýyly diýlip atlandyrylmagy türkmen halkynyň öz beýik oglunyň edebi mirasyna goýýan uly hormatynyň, sarpasynyň nyşanydyr. Arkadagly Gahryman Serdarymyz “Ýaşlar Watanyň daýanjy” atly kitabynda: **“Magtymguly-taryhy köklerden, milli däp-dessurlardan aýagyňy üzmän, döwrüň täzeçilliklerine, belent ösüşlerine uýup ýaşamakdyr”** diýip, parasatly belleýär.

Eziz Diýarymyzda häzirki günlerde Gündogaryň beýik akyldary we nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyny dabaralandyrmak, şeýle hem şahyryň baý edebi mirasyny düýpli öwrenmek, ýaşlaryň kalbynda dana şahyrymyzyň eserlerinde öňe sürülýän watansöýüjilik, agzybirlik, halallyk, ynsanperwerlik ýaly ýol-ýörelgelerimize söýgi döretmek, şahyryň hormat-sarpasyny has-da belende götermek hem-de Türkmen halkynyň Milli Lideri, Gahryman Arkadagymyzyň beýik şahyryň ömri we döredijiligi bilen baglanyşykly ýaşlaryň arasynda dürli bäsleşikleriň geçirilmegi barada beren öwüt-nesihatlaryndan ugur alyp, Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşi, Türkmenistanyň Bilim ministrligi hem-de Türkmenistanyň Medeniýet ministrligi tarapyndan ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň çeper höwesjeň talyp ýaşlarynyň arasynda yglan edilen **«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy»** atly döredijilik festiwalynynyň institut tapgyry, Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynda hem ýokary ruhubelentlikde geçirildi.

Döredijilik festiwalynyň şertlerine görä, institutyň “Kuwwat” aýdym-saz we tans toparynyň bagtyýar talyp ýaşlary, Gahryman Arkadagymyzyň eserlerinde Magtymguly Pyragynyň çeper keşbini wasp edýän monology, şahyryň goşgularyny labyzly, çeper okamak, bir wakany sahnalaşdyrmak, halk aýdymyny, edebi-sazly kompazisiýany ýerine ýetirmekde öz ukyp-başarnyklaryny görkezdiler. Soňra döredijilik festiwalyna işjeň gatnaşan talyp ýaşlara TMÝG-niň Mary welaýat Geňeşi tarapyndan Hormat haty we ýadygärlik sowgatlary dabaraly gowşuryldy.

**Enemähri MATAKOWA**
**Türkmenistanyň Döwlet**
**energetika institutynyň talyby**

Все права защищены

save pdf date >>> 24.11.2024